**Mary welaýatynyň çäginde ýerleşýän**
**kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň,**
**şeýle hem welaýatyň ýaşaýjylarynyň dykgatyna!**

Murgap etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi 2019-njy ýylyň 12-nji iýulynda Murgap etrabynyň medeniýet bölüminde sagat 09:00-dan 11:00-a çenli aralykda boş iş orunlarynyň hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýär!

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini;

işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

Çäräniň geçiriljek ýeriniň salgysy:
Murgap etrabynyň Murgap şäheriniň Azady köçesiniň 48-nji jaýy.

Habarlaşmak üçin telefon belgiler:
(800565) 4-00-19.
(800522) 7-41-46, 7-41-88.